Baýramyñ hökümi we edepleri.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

Dilimizde baýram diýip, ullanýan sözümiziñ, Yslam şerigatyndaky asyl arapça ady **Yýd-**dyr. **Yýd** sözi: her ýyl, her aý ýada her hepde gaýtalanyp gelen günleri we wagtlary beýan edişi ýaly, jemlenmek üçin gelip-gidilýän belli bir ýerleri añlatmak üçin hem ullanylýar. Baýramlar her ýyl şatlyk, begenç bilen gaýtalanyp gelýänligi üçin **Y ý d** diýip atlandyrylandyr.

Musulmanlaryñ şatlanyp, şowhun edip, begençlerini beýan edýän, her ýyl gaýtalanyp gelýän iki sany baýramlary bardyr. Allah Tagalanyñ musulmanlara beren bu baýramlary, her ýyl Yslamyñ bäş esasynyñ ikisi bolan ybadata gabatlap bellenilýär. Bularyñ biri Ramazan aýy gutaranda bellenilýän **Yýdu'l-Fytr/Ramazan baýramy** we Haj ybadatyñ soñunda bellenilýän **Yýdu'l-Edha/Gurban baýramy**dyr.

Musulmanlaryñ bu iki dini baýramdan başga dünýewi baýramlary bellemegine, şerigat rugsat beryän däldir. Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem Medinä gelende, olaryñ (Medinelileriñ) Jähiliýýe (Yslamdan öñki ýaşaýyş) döwüründe şatlanyp, şowhun edip, belleýän iki günleri bardy. Şonda Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýdi: **“Size gelemde Jähiliýýe döwüründe şatlanyp, belleýän iki sany** (baýram) **günüñiz bardy. Allah Tagala siz üçin ol iki güni, olardan has haýyrly iki günler bilen çalyşandyr: Gurban baýram** (güni)**we Ramazan baýram** (güni).” (Ahmed)

Baýrama degişli käbir hökümler we edepler.

1-Baýram üçin Gusul almak:

Baýram üçin gusul almak we tämizlenmek mustehapdyr.

“**Abdullah bin Omar radiallahu anhuma Ramazan Baýram güni namaz kylynjak ýere gitmezden öñ gusul alardy.”** (Mälik: Muwatta, Abdurrezzak: Musannef))

2-Baýramda bezenip iñ owadan lybaslar geýmek:

Ymam Ibnu'l-Kaýýim rahimahullah şeýle diýdi:**“Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem baýrama gidende owadan lybaslar geýerdi. Baýramlarda we juma güni geýmek üçin ýörite lybaslary bardy.”** (Zädu'l-Meäd)

Sahyhaýnda Ibn Omardan (Omaryñ oglyndan) şeýle rowaýat edilendir:**“Hezreti Omar radiallahu anh bazardan bir lybas satyn aldy. Soñra ony Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem getirip şeýle diýdi: Ýa Resulullah! Buny al! Baýramda we saña myhmanlar gelende, geýip bezenersiñ.”** (Buhari, Muslim)

3-Ramazan Baýramynda, Baýram namaza gitmezden öñ bir zatlar iýip gitmek:

Sahyh rowaýatda şeýle diýilýär: **“Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem Ramazan Baýramy güni bir näçe sany hurma iýmezden öýden çykmazdy.”** (Buhari)

4-Gurban Baýramynda ertirligi Baýram namazyndan soñra iýmek:

“**Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem Ramazan Baýramy güni, bir zatlar iýmezden öýden çykmazdy. Gurban Baýramynda bolsa, baýram namazyna gidip gelýänçä hiç zat iýmezdi, geleninden soñra** (kesen) **gurbanlygyndan iýerdi.”** (Tirmizi, Ibn Mäje)

5-Baýram namazyna gidip gelýän ýoluñy üýtgetmek:

Sahyh rowaýatda şeýle diýilýär: **“Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem baýram güni** (gidip-gelýän) **ýoluny üýtgederdi.”** (Buhari)

Ýagny bir ýoldan gidip, başga ýoldan gaýdardy.

6-Birek-biregi gutlamak:

“Baýramda birek-biregi gutlamak jaizdir. Gutlamak üçin ýörite gutlag sözi ýokdur. Içinde (günä bolmaýan), ynsanlaryñ ulanýan gutlag sözleri bilen gutlamak jaizdir.” (Ibn Useýmin, Fetawa 17/21)

“Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellemiñ sahabalary baýram günleri duşuşanlarynda **Tekobbel Allahu minnä we minkum/Allah (eden amallaryñyzy) sizden we bizden kabul etsin**, diýerlerdi.”(Fethu'l-Bäri 2/466)

7-Mubah, halal güýmenjeler bilen wagt geçirmek:

Baýram günleri Yslamyñ rugsat beren güýmenjeleri, oyunlary, bilen wagt geçirmek jaizdir.

8-Tekbir aýtmak:

1-Ramazan Baýramy Tekbiri:

Allah Tagala aýatda: **"Sanalgy günleri tamamlañ, size hidaýat edeni üçin Allahy tekbir ediñ! Şükür edenlerden bolarsyñyz."** (Bakara, 2/185)

Rowaýatda şeýle diýilýär: **"Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem Ramazan Baýramy güni**(öýden) **çykardy we namaz kylnýan ýere gelinçä we namaz kylynça tekbir aýdardy. Namaz kylynandan soñra aýtmazdy."** (Silsiletu'l-Sahiha 170)

2-Gurban Baýramynyñ Tekbiri:

Allah Tagala aýatda: **"Sanalgy günlerde Allahy zikr ediñ."** (Bakara,2/203)

"**Hezreti Omar radiallahu anh Minada çadyrynda tekbir aýdardy, mesjitdäkiler hem ony eşidip, tekbir aýdarlardy. Mina tekbir sesi bilen ýañlanýança, bazardaky ynsanlara çenli tekbir aýdardy. Minada ol günler boýunça Ibn Omar** (Omaryñ ogly) **hem namazlardan soñra, ýatyrka, otyrka we ýöräp ýörkä tekbir aýdardy."**(Fethu'l-Bäri 24/220)

3-Tekbiriñ sözleri:

Abdullah bin Mesud radiallahu anh şeýle tekbir aýdardy: **"Allahu ekber, Allahu ekber, Lä ilähe illallahu wallahu ekber, Allahu ekber we lillähil hamd."**(Ibn Ebi Şeýbe)

Abdullah bin Abbas radiallahu anhuma şeýle tekbir aýdardy: **"Allahu ekber, Allahu ekber, Allahu ekber we lillahil hamdu, Allahu ekber we ejell, Allahu ekber alä mä hedänä."**(Beýhäki)

Sahabalardan rowaýat edilen sahyh tekbir sözleri bilen tekbir aýtmak jazidir. Sahabadan gelen bu sözlere özüňden bir zatlar goşmak jaiz däldir. Tekbiri ymam, muezzin ýa-da başga biri bilen jemagat bolup, üýşip bir bolup (hor bolup) aýtmak jaiz däldir.

9-Baýram güni agyz beklemek:

Baýram günleri agyz beklemek ijma bilen haramdyr.

"**Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem şu iki günde agyz beklemegi gadagan etdi: Orazany gutaryp agyz açýan, Ramazan Baýram güni we gurbanlygyñ etinden iýýän günüñiz, Gurban baýram güni."** (Buhari, Muslim)

10-Baýram günleri köplenç edilýän şer, günä işler:

1-Sakal syrmak.

Yslam şerigatynda erkekleriň sakal göýbermekleri wäjip, syrmaklary bolsa, haramdyr. Sakaly syrmak ýa-da bir owuçdan gysga kesmek dört mezhepde-de bir agyzdan haramdyr. Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem: **"Müşrüklere garşylyk görkeziň!** (Olara meňzemäň) **Sakalyňyzy göýberiň, murtlaryňyzy gysgaldyň."** (Buhari, Muslim)

Adaty ýagdaýda syrylmagy, kesilmegi haram bolup duran bu günä işi, diniň şygary bolup

duran Baýram günleri bezenmek maksady bilen etmek günäniň hem iň erbedidir.

2-Baýram mynasybetli gutlananda, mährem bolmaýan zenan bilen elleşip ýa-da ogşap gutlamak.

Mähremsiz zenana el degirmek, elleşmek dört mezhepde bir agyzdan haram bolup, beter günä işdir. Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem: **"Bir kişiniň kellesine demirden çüý çüýlenmegi, özüne halal bolmaýan** (mährem bolmaýan) **zenana degmesinden has haýyrlydyr."** (Taberäni)

3-Baýram mynasybetli zyýaratlaşmalarda, üýşmeleňde mährem bolmaýan zenan bilen erkekleriň garym-gatym bolup bir ýerde oturmaklary.

4-Zenanlaryň şerigata laýyk geýinmän, bezenip, atyr sepip daşaryk, bazara çykmaklary.

5-Geýim-gejimde we saç daraýşynda kapyrlara meñzemek.

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýendir: **“Kim bir kowuma, millete meñzese ol hem olardandyr.”** (Ahmed)

6-Zenan-erkek garym-gatym, aýdym-sazly üýşmeleñlere gitmek we maşgalañdan biriniñ gitmegine,olary seýr etmegine rugsat bermek.

7-Baýram günlerini gabyr zyýaraty üçin mahsus etmek, ýagny ýörite Baýram günlerinde gabyra zyýarata gitmek.

Allah we Muhammed aleýhis salama iman eden her musulman doganymyza ýokaryda sanalan we başgada haram, şer işlerden ägä bolup, Allahdan gorkmaklaryny nesihat edýäris.

Allah Tagalanyñ bize şatlanyp, begenmegimiz üçin nygmat edip bahş eden baýram günlerinde, haram işler edip Allahyñ gazabyny getirmekden ägä bolsunlar.

Şatlyk, begençli, bagtly baýram günleriniñ boluşy ýaly, bedenleriñ mazardan çykarylyp hasap soraljak, azap beriljek, gaýgy-gam günleriñ hem boljagyny unutmasynlar.